**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky № 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 12-aragatnaşyk «Aragatnaşygyň girdejileri, hyzmatlary we haryt dolanyşygy barada hasabat» (aýlyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 12-aragatnaşyk «Aragatnaşygyň girdejileri, hyzmatlary we haryt dolanyşygy barada hasabat» döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligine degişli kärhanalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi, "Altyn Asyr" ÝGPJ-i, "Aşgabat şäher telefon ulgamy" ÝGPJ-i, "Türkmen hemrasy" ÝGPJ-i, "Türkmentehnogurluşyk" ÝGPJ-i tarapyndan düzülýär we hasabat formasynyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar. Hasabat hereket edýän hasabat we buhgalter hasaba alyşynyň maglumatlarynyň esasynda düzülýär.

Hasabatda hasabat döwründe umumy peýdalanylýan aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiler, ilata aragatnaşyk hyzmatlarynyň ýerine ýetirilişiniň möçberi, haryt dolanyşygy, abuna ýazylyş we bölekleýin satuw serişdeleriniň ýetmezçilik edýäni we ogurlanýany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

01-nji setirinde «Esasy işden girdejiler» setirinde aragatnaşyk hyzmatlaryndan girdejileriň salgytlar bilen bilelikde hakyky jemi, 02 setirinde - şolardan GBS-i (goşulan baha salgyt) goşmazdan müň manatda görkezilişi ýaly (1sütünde), ABŞ-nyň müň dollarynda görkezilýär (2 sütünde).

03-nji setirde öýjükli aragatnaşyk hyzmatlaryndan, 04-nji setirde internet hyzmatlaryndan girdejiler aýratynlykda görkezilýär.

05-nji setirde «Ilata aragatnaşyk hyzmatlarynyň ýerine ýetirilişiniň möçberi» setirinde aragatnaşyk hyzmatlaryna tölegler hökmünde ilatdan kärhanalaryň pulhanalaryna goşulan baha salgydyny goşmak bilen gelen ähli nagt pullar, 06 setirinde – GBS-i goşmazdan görkezilýär.

07-nji setirde öýjükli aragatnaşyk hyzmatlaryndan we internet hyzmatlaryndan (08 setir) ýerine ýetirilişiniň möçberi aýratynlykda görkezilýär.

09-njy setirde öýjükli aragatnaşygyň abonentleriniň umumy sany, 10-nji setirlerde şol sanda ilatda, 11-nji setirlerde şolardan aýal-gyzlar, 12-nji setirlerde eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalar we guramalar.

13-16-nji setirlerde internet peýdalanyjylaryň umumy adam sany, 14-nji setirlerde şol sanda ilatda, 15-nji setirlerde, şolardan aýal-gyzlar, 16-nji setirlerde eýeçiligiň ähli görnüşindäki kärhanalar we guramalar.

17-nji setirde internet-kafeleriň sany görkezilýär – internetden peýdalanmaga mümkinçilik berýän köpçülikleýin edaralar.

18-njy setirinde abuna ýazylyşygy boýunça olaryň hakyky berlen wagtyna görä döwürleýin we beýleki neşirleriň (kitaplar, gazetler, žurnallar) satuwyndan gelen puluň jemi, 19-nji setirinde bölek haryt dolanyşygynyň jemi görkezilýär.

20-nji setirde döwürleýin we beýleki neşirlerden we harytlardan bölekleýin satuw ulgamynda we aragatnaşyk kärhanalarynda ýerleşdirileninden galany görkezilýär.

21-njy setirde abuna ýazylyş we bölekleýin satuw serişdeleriniň ýetmezçilik edýäniniň we ogurlananynyň jemi görkezilýär we çärýekde 1 gezek doldurylýar.

3-nji sütüniň 01-21-njy setirlerinde geçen ýylyň degişli döwrüniň maglumatlary görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň**

**statistikasy müdirligi**